# Ýadyňdamy, ajalyň?!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýadyňdamy, ajalyň?! ÝADYŇDAMY, AJALYŇ?



Sany-sajagy ýok ölýäniň günde,
Ýer terpenmesinde, jeňde, tupanda,
Gazamatda ýatan günäsiz bende,
Alym, şahyr, azgyn, loly, sypan-da…
Ýalňyşmaýar ezraýylyň hasaby,
Ýere siňýär barçalaryň azaby.
Häkimmi, hekimmi – parhy ýok oňa,
Aýlanyp dur, diýme: “Çarhy ýok” oňa.
Öli çykýar bäbäk ene garnyndan,
Set müň-set müň ölýär adam şerinden.
Barybir Ýer üýtgemeýär ýerinden.
Göz öňüňde ölýär eneň, ataň-da,
Gardaş-bajyň, dost-duşmanyň, ýatan-da.
Bakylyk ýok ýalançy-da hiç kime,
Ýaşajaksyň, ýöne goýmaz erkiňe.
Dostum, men bir zady ýatlaýyn saňa,
Ýadyňdamy, dagda ekilen düme?!.

22.05.2024. Goşgular